# Tolstoýyň dünýäsi

Category: Edebi makalalar,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tolstoýyň dünýäsi

TOLSTOÝYŇ DÜNÝÄSI

Ýasnaýa Polýana.
Lew Nikolaýewiç Tolstoý.
Öz süýtdeş doganlary bilen miras paýlaşmaly bolanda Lew Tolstoýyň näme üçin paýyna Ýasnaýa Polýananyň berilmegini haýyş edendigi düşnükli ýaly bolup dur. Lew Nikolaýewiç şol wagtlar on dokuz ýaşyndady. Öňde ömrüň altmyş üç ýyly bardy. Göwnüňe bolmasa, şonçarak ýaşajakdygyny-da bu adama öňünden mälim bolarly diýip pikir edýärsiň.
Ýok, Lew Tolstoýyň atasynyň Moskwadaky mülküni däl-de, diňe Ýasnaýa Polýananyň özüne berilmegini haýyş etmelidi. Ol şu ýerdäki ägit dublaryň arasynda ýaşamalydy, bu rus tokaýynyň howalasy onuň öz ruhy kuwwaty bilen, pähim-parasadynyň çäksizligi bilen sazlaşýardy.
Russiýada entek krepostnoýçylyk düzgüni dowam edýärdi. Ýöne öňde ýigriminji asyr bardy. Lew Tolstoý şol asyryň hem başky on ýylyny görmelidi.
Adam her näçe akylly bolsa-da, zähmetsiz hiç hili açyş edip bilmez. Graf Tolstoý Zähmet üçin doglupdy. Ykbal oňa segsen iki ýaş beripdi. Baryp segseni yzda galdyran, nähoşlan ysgyndan gaçan halyna-da ol öz-özüne igenip, gündeligine şeýle sözleri ýazypdy:

"Iş üçin goýberilen, ýöne işlemän biderek geçirilen bir sagadyň soňra hiç haçan dolanyp gelmejegini ýadyňda sakla".

Ol entek özüniň köp zatlar etmelidigi hakynda oýlanýardy. Ýekeje minudy-da biderek gitmedik uzak ömrüň dowamynda garyp-gasarlara eden sahawaty, dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna öwrülen ölmez-ýitmez epopeýalary oňa az bolup görünýärdi.

Bir ömürde adamzada Tolstoý ýaly köp ýagşylyk eden ynsan köp däl.
Segsen ýaşanda ol entek Ýasnaýa Polýanadady. Patyşa hökümeti genial ýazyjynyñ uly ýubileýiniñ geçirilmegine päsgel bermek üçin elinden gelenini edipdi. Dünýäniñ köp ýurtlarynda bolsa Tolstoýyñ ady arşa göterilip, onuñ segsen ýaşy dabaraly bellenýärdi. Patyşa hökümetiniñ hereketleri bu beýik adama alkyş baryny aýtmaga zelel bererden ejiz bolup çykdy. Ýubileý günleri Ýasnaýa Polýana bilen Tolstoýlaryñ Moskwadaky öýüne minnetdarlyk telegrammalary öz taryhy ykbalynyñ yzyna düşüp Rewolýusiýa barýan Russiýanyñ dört künjeginden yzy üzülmän geldi durdy, geldi durdy. Diñe alkyş hatlary däl, adamlar hem topar-topar bolup geldiler. Kimler belki, ýazyjynyñ öz ýüzüni görmek başardar diýen arzuw bilen, kimler bolsa beýik adamyñ, dem alýan, ýaşaýan jaýynyñ öñünde sähelçe durup gaýtsagam takdyrymyzdan razy diýen niýet bilen geldiler. Patyşa düzgüniniñ Tolstoýy ýigrenýändigine garamazdan, bildirýän beýik söýgüleri üçin özlerini ýanamaklarynyñ mümkindigine garamazdan, olar ýubilýary aç-açan gutlamaga töwekgelçilik etdiler. Peterburgyñ zawodlarynyñ biriniñ işçileri L.N.Tolstoýa iberen gutlagynda şeýle ýazdylar:

"Siziñ ajaýyp ömrüñiziñ segsen ýyllygynyñ gününe genial obrazyñyzyñ öñünde älem-jahanyñ minnetdarlyk başyny egýän wagtynda hem-de adyñyzyñ dünýäniñ diline düşen wagtynda diñe Siziñ Watanyñyz bolmagyñ beýik guwanjy öz paýyna düşen ýurt sizi bogazyna sygdygyndan alkyşlamaga çekinýär. Ýöne sütemiñ-zorlugyñ gara gullary, azatlygyñ, hakykatyñ duşmanlary bizi asmanyñ hem-de zeminiñ ähli jezalary bilen gorkuzsalar-da, biz bu gün dymmak islämizogam, dymmagy başaramyzogam".

Bu ezilen halkyñ sesidi. Halk bu sözler bilen özüni talaýan hem-de depgileýän sütemkärleri genial eserlerinde adamkärçilik gazabynyñ bütin güýji bilen näletlän, paş eden beýik ýazyja minnetdarlyk bildirýärdi.
Graf Tolstoý garyp-gasarlaryñ daban azabyndan maddy baýlygyñ eşretini görýänlere garşy göreşmäge özüniñ ähli eserlerinde

ezilen, horlanýan halky çagyryp gelipdi. Şeýlelik bilen-de, ol Russiýda dowam edýän gurluşyň gaýduwsyz tankytçysy bolupdy. Şuňa garamazdan, mälim bolşy ýaly, beýik ýazyjy hiç haçan halky rewolýusion göreşe çagyrmandy, rewolýusiýanyň zeruryýetdigine, rewolýusiýanyň gutulgysyzdygyna düşünmändi. Ol adalatsyz gurluşy gan dökmän, ýaraga ýapyşman üýtgedip bolar öýdüpdi. Ol ezýän baýlarda ezilýän adamlara ahyrsoňy rehim duýgusy dörär öýdüpdi. Şu pikirinde-de galypdy. "Durmuşyň hojaýynlaryna" öwüt-nesihat üsti bilen täsir edip, olarda ynsabyň oýanmagyna bil baglamagy, şuňa jany-teni bilen ynanmagy öz beýik şahsynda ägirt uly ruhy güýji jemlän genial ýazyjynyň megerem, ýalňyz gowşak tarapydyr, onuň beýik pähiminiň, düşünjesiniň ýetmedik tarapydyr. L.N.Tolstoýyň ömrüniň gapma-garşylygy, çylşyrymlygy gös-göni şu ýagdaý bilen baglanyşyklydyr. Tolstoýy çäksiz söýen, oňa guwanan, haýran galan, onuň ägirt döredijiligine beýik baha beren W.I.Lenin öz makalalarynda (Leniniň türkmen dilinde neşir edilen bu makalalaryny gelejekde saýtymyzyň okyjylarynyň dykgatyna ýetireris. -admin.) onuň şu ejiz tarapyny belläpdi. Geniý diýen beýik ada Tolstoýdan mynasyp kişiniň ýokdugyny aýdanda, A.M.Gorkiý, Tolstoý ýaly çylşyrymly, Tolstoý ýaly gapma-garşylykly, hemme zatda Tolstoý ýaly gözelligi özünde jemlän adamyň ýokdugyny hem belläp geçipdi.

Ýasnaýa Polýana.
Lew Nikolaýewiç Tolstoý.
Tula şäherinden uzakda bolmadyk Ýasnaýa Polýana häzir meniň göz öňüme gelýär. Şol ýerde ençeme sagatlary geçirmek maňa miýesser bolupdy. Ýasnaýa Polýana öňler knýaz Nikolaý Sergeýewiç Wolkonskiniň mülki eken. Knýaz aradan çykandan soň bu ýerde tutuşlygyna onuň otuz üç ýaşly gyzy Mariýa Nikolaýewna miras galýar. Bahym Mariýa Nikolaýewna 1812-nji ýylyň Watançylyk urşuna gatnaşan, podpolkownik Nikolaý Iliç Tolstoý durmuşa çykýar. Şeýlelikde Tolstoýlar Ýasnaýa Polýana göçüp gelýärler.
Bir seretseň, Lew Nikolaýewiç Tolstoý hiç bir zada howlukmadyk ýaly bolup görünýär. Ol edebi döredijilige çynlakaý

başlamazdan öñ harby gullukda bolupdyr, soñ pedagogoj işi bilen meşgullanýar. L.N.Tolstoý ýazan hekaýalary bilen "Современник" žurnalynyñ redaksiýasyna ilkinji gezek baranda hem ol juda bir ýaş däldi ~ ýigrimi ýedi ýaşly ofiserdi. Tolstoýlaryñ köne tanşy wraç Bersiñ ortanjy gyzyna söz aýtmaga gidende Lew Nikolaýewiç otuzdan añyrrak ätlän adamdy. Soñ Sofiýa bilen Lew Tolstoýyñ arasynda bolup geçen söýgi gürrüñi soñra meşhur "Anna Kareninada" şeýle şahyranalyk hem-de näziklik bilen beýan edildi. Olaryñ ýaşlary deñeçer däldi. Sofiýa ýañy on sekize ýetipdi. Tolstoý bolsa öz söýgülisiniñ tas iki ýaşyny ýaşapdy.

Sofýa Andreýewna öýlenmek bilen Lew Tolstoý özüni bagtly hem-de bütinleý täzelenen adam hasap edipdi. Ömrüniñ ahyrlarynda hut Sofýa Andreýewna bilen mäşiniñ bişişmezligi zerarly, esasan hut şeýle ýagdaý sebäpli L.N.Tolstoý mähriban Ýasnaýa Polýanasyny terk edip gider diýip kimiñ göwnüne geljek? Her näçe beýik geniý bolsa-da, bu ýagdaýy Tolstoýyñ özi hem öñünden göz öñüne getirip bilmedik bolsa gerek. Sofýa Andreýewna uzak ýyllaryñ dowamynda beýik ýazyjynyñ "ody bilen girip, küli bilen çykypdy", onuñ wepaly dosty, ähtibar kömekçisi bolupdy, jany-teni bilen bu beýik adamyñ hyzmatynda durupdy. Emma öz äriniñ gapma-garşylykly, çylşyrymly tebigatyna welin düşünip bilmändi. Elbetde, Lew Tolstoýlaryñ uly maşgalasynyñ durmuşynda hem köp özgerişler bolupdy: ýetişen, ýigit çykan ogullary öýli-işikli bolup, gyzlar durmuşa çykyp, hersi bir ýana gidipdi. Tolstoýyñ körpe söwer dosty Waneçka, beýlekilerden has eý görýän gyzu Maşa aradan çykypdylar.

1910-njy ýylyñ 28-nji awgustynda Lew Tolstoý Ýasnaýa Polýanang hemişelik terk edip, ondan çykyp gitdi. Şondan soñ kän ýaşaman, şol ýylyñ 6-njy noýabrynda bolsa Astapowo demir ýol stansiýasynda dünýäden ötdi. Wesýetine görä, ony Ýasnaýa Polýanada jaýladylar…

Alleýanyñ bir çetindäki mazar tümmeginiñ üstünde gök otlardan başga zat ýok. Ne gümmez bar, ne-de bir demir germew. Beýik ynsan öz mazaryna apaly ýadygärlik oturtmazlygy-da dirikä

wesýet edip giden eken. Diñe Ýasnaýa Polýananyñ ýüz ýaşly belent daragtlary şahalaryny aşak egip, mydama mazara tagzym edip durlar.

Bu daragtlaryñ arasynda L.N.Tolstoýyñ pitneli ruhy ýaşaýar.

Bu alleýanyñ ugrunda gezim edýärkäñ, uzyn boýy birneme ýaý beren, eli hasaly, uzyn ezýaka köýneginiñ guşagyndan elini geçiren ak sakgally pähimdar, dünýäniñ dört künjünde tanalýan hem-de okalýan bu beýik pähimdar gapdalyñda nämelerdir bir zat pyşyrdap barýan ýaly bolup duýulýar. Belki, onuñ aýtmaga ýetişmedik gyzyla gaplaýmaly sözleri bir gudrat bilen bu ýerdäki daragtlaryñ ýapraklaryna siñip galandyr?! Belki bu ýagdaý Tolstoýyñ ölmez-ýitmezligini añladýan hakykatdan gelip çykýan psihologik pursat bilen baglanyşyklydyr.

Ýasnaýa Polýananyñ derwezesinden ätläp, sen çeperçilik äleminiñ guwanjyna öwrülen geniniñ dünýäsine aralaşýarsyñ. Tolstoýdan başga at, onuñ kitaplaryndan başga zat ýatdan çykýar.

Men Mekgäni göremok, ýöne Ýasnaýa Polýanany gördüm. Ýasnaýa Polýananyñ adamlarynyñ añyny, pikirini-oýuny özüne dartyş güýjüni görkezýän bir alamat bar: bu ýerde dünýäniñ dürli künjeklerinden gelen myhmanlaryñ yzynyñ üzülmeýändigini gürrüñ berýärler. Ynsanlaryñ ynsan şekilli ýaşamagyny öz üniñ idealy hasaplap beýik ýazyjynyñ kitaplary sosial deñsizligiñ, sütemiñ, zulmuñ garşysyna barlyşyksyz göreşini dowam etdirýär. Dünýäde entek ezýänler we ezilýänler bar, ol kitaplaryñ göreşi bes etmäge haky ýok.

Lew Nikolaýewiç Tolstoý beýik ykbally ömrüni tutuşlygyna adamzadyñ hyzmatyna bagyşlady. On sekiz-on dokuz ýaşly ýigitkä, Kazan şäherinde ýaşan wagtlarynda ol öz durmuşynyñ berk prinsiplerini düzdi. Şonda ol özüni gazaply seljerip, özünde juda köp kemçilikleri tapdy. Öz-özüñi derñäp bilmek, öz kemter tarapyñy duýmak hem-de boýun almak diñe mertleriñ başarjak işidir. Tolstoýyñ öz-özünden gazaply tankyt edijiliginden hemme nesilleriñ görelde almaga ukyply bolmaklaryny arzuw edesiñ gelýär.

…Ýasnaýa Polýana bu gün has abadanlaşan, has gözelleşen, has

dabaraly görnüşdedir. Ölmez-ýitmez eserleri bilen ak ýürekli adamlaryň ählisini bagtyýar eden, baýlaşdyran, belende göteren adamyň huzuryna minnetdarlyk sözlerini aýtmaga baranlar ady şeýle nurana, ýüreklere şeýle ýakyn hem-de mähriban Ýasnaýa Polýanany hyryn-dykyn doldurandyrlar.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy.

Edebi makalalar